# «Bu ne apat, gazabymy Allanyň?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Bu ne apat, gazabymy Allanyň? «BU NE APAT, GAZABYMY ALLANYÑ?..»




Bu ne apat, gazabymy Allanyň?
Bu ne hasrat?
Hiç bir jogap tapmadyk!
Bir asmana garap, bir Ýere garap,
Özümizçe bir zatlary çakladyk…
Nämäň nämeligne düşünebilmän,
Diri wagty gözler doldy toprakdan.
Kim ýaryndan, kim perzentden aýryldy,
Baglaň jyda düşüşi deý ýaprakdan.

Düýnem durmuş gülleýärdi o ýerde,
Ýaňlanýardy çagalaryň gülküsi.
Alla ýalkap, diri galanlaryňam,
Ýüreginden gitmez entek gorkusy.

…Her gije gözüňe uky gelenok,
Bagryňa basasyň gelip dur Ýeri.
Biz gynanyp bilýäs, gyýylyp bilýäs,
Adamyň elinden näm gelýär ýeri?!

Ogultäç ORAZTAGANOWA. Goşgular